# Kawkaz türkmenleriniñ nakyllary

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Kawkaz türkmenleriniñ nakyllary KAWKAZ TÜRKMENLERINIÑ NAKYLLARY

Kiçiniň uýalasy gelse, ula deger.

***

Berip-alyp görmedik,
Berse ukusy gelmez.

***

Ýeri baýyň – ili baý.

***

Ýamanyň aýagy sekiz,
Biri degmese biri deger.

***

Är ýigidiň uýaldygy – öldügi,
Emen agajyň egildigi – döwüldigi.

***

Ussat görgen kişiler her ýerlerden ýorgalar, Ussat görmedik kişiler ondan-mudan garbalar.

***

Äri namys öldürer,
Goýany (towşan) gamçy öldürer.

***

Dişdir diliň gaýasy,
Dildir başyň belasy.

***

Suw sorap gelen bedresini ýaşyrmaz.

***

Ataň barlygynda il tana,
Atyň barlygynda ýer tana.

***

Töwekgel daş ýarar,
Daş ýarmasa baş ýarar.

***

Är aýbyny ýol açar,
Ädik aýbyny suw açar.

***

Tutan işiňe bek bolsaň,
Bekiň atasy ýyglamaz (aglamaz).

***

Maly giden garyp däl,
Abraýy giden garyp.

***

Gyş gyzaransyz bolma, ýaz – agaransyz.

***

Ýigidiň başyna kynlyk düşse, Ädigi bilen suwa girer.

Toplan: Gurbandurdy BAÝMEDOW. Sözler